# Galp pornowideo taýýarlamak añsatlaşýar, netijeleri çökder bolar

Category: Kitapcy,Psihologiýa,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025

Galp pornowideo taýýarlamak añsatlaşýar, netijeleri çökder bolar GALP PORNOWIDEO TAÝÝARLAMAK AÑSATLAŞÝAR, NETIJELERI ÇÖKDER BOLAR



*Natali Portmanyñ köp sanly fotosuratyny programma ýüklän adamlar programmany pornowideodaky aktrisanyñ ýüzüniñ ýerine Portmanyñ ýüzi görner ýaly edýär*

Soñky hepdelerde internete ýüklenen we dipfeýk (düýpgöter ýalan) diýilýän galp pornolarda partlama bolup geçýär. Bular ýaly wideolarda diñe fotosuraty alynan zenanyñ ýüzi pornowideodaky aktrisanyñ ýüzüne montažlanýar.

Şeýle wideolary taýýarlamagy ýola goýan serişdeler has güýçli we has elýeterli ýagdaýa öwrüldigiçe adamlar arzuw-hyýallaryndaky jynsy fantaziýalaryny internetde ýaýratma

mümkinçiligini tapýar.
Emma bular ýaly wideolar ahlak kadalarynyñ çygryndan çykmak bilen birlikde gözümiziñ gören zatlaryna ynanma duýgymyza-da täsirini ýetirýär.
Duýdurma maksatly bu kemter ulanmanyñ ýany bilen birlikde galp wideotehnologiýasy düýpli netijelere getirip biler.



*Aýdymçy Ariana Grandeniñ fotosuratlarynyñ ýüklenen programmasy onuñ ýüzüni pornowideodaky aktrisanyñ ýüzi bilen çalşypdyr*
Edara-kärhanalar we hususy kompaniýalar bu üýtgeşmä taýynlyk üstüni basdyrdy.
«Dipfeýk» wideolaryñ paýlaşylýan internet saýtlary üýtgeşmeleri ýakyndan yzarlaýandyklaryny aýtsalar-da, bu babatda näme edip biljekleri barada belli bir zat aýdyp bilenoklar.
Şeýle tilsimi ulanýan jemgyýetlerde bolsa meşhur ýüzleriñ asla garaşylmadyk seks wideolarynda görünmeginiñ getirýän şatlyk-şagalañy bar.
Bu jemgyýetleede eden zatlarynyñ hakyky täsirleriniñ üstünde pikir alşylanda, wyždanyñ yzyna gabat gelmek mümkin däl. Eýse başga biriniñ ýüzüni ulanyp pornowideo taýýarlamak etika sygyşýan zatmy? Eger şeýle bolsa munuñ näme ähmiýeti bar?

Birine zyýan ýetirilýärmi?



*Ekrandaky keşbi alynan bu wideoda hem görlüşi ýaly Emma Watsonyñ ýüzi-de «dipfeýk» wideolarda ulanylýar*

Belki-de, bu eden işleriniñ ýüzi ulanylan adama nähili täsir edýändiklerini pikir etmek gerekdir.

«Reddit» saýtynyñ bir agzasynyñ aýdyşy ýaly, beýtmek distopik ylmy-fantastiki «Black Mirror» teleserialyndan alynan täre meñzeýär.

- **Nädip döredilýärler?**

Bular ýaly wideolary taýýarlamagy ýola goýan we mundan bir aý öñ ýaýradylan programmalardan biri programmany döreden adamyñ aýdyşyndan bir aýyñ dowamynda 100 müñden gowrak gezek ýüklenip alnypdyr.



*Natali Dormer ýaly «Tagt oýunlary» teleserialynyñ aktrisalarynyñam ýüzi şeýle wideolarda ulanylýar*

Galp pornografiki suratlar ýüz ýyldan gowrak wagt bäri taýýarlanyp gelinenem bolsa, muny oñaraýmak añsat iş däldi. Aýratynam wideolarda. Hakyky ýaly edip düşürilýän wideolaryñ Golliwud studiýalarynda ulanylýan görnüşinden programmalara, ukyp-başarnyga we ummasyz köp pula mätäçlik duýulýardy.

Emma enjamlaryñ öwrenilmegi bilen bu proses üç ýönekeý işiñ pellesine düşürildi: Bir adamyñ köp sanly fotosuratyny edinýäñ, pornografiki wideony saýlap alýañ we garaşýañ. Gysgajuk wideo üçin kyrk sagat ýaly garaşmak geregem bolsa, kompýuterler galan işi özi oñarýar.

Iñ populýar galp pornolarda meşhurlar ýer alýanam bolsa, ýeterlik fotosuraty bolan islendik adamyñ wideosyny taýýarlap bolýar. Biziñ günlerimizde islendik kişiniñ sosial mediýada paýlaşýan selfisiniñ sanyny pikir edenimizde, muny taýýarlamak hiçem kyn däl.



*«Wonder Woman»-yñ aktrisalaryndan Gal Gadotyñ ýüzi-de köp sanly «dipfeýk» pornowideolarda ulanyldy*

Bu tilsime dünýäniñ çar künjünde gyzyklanma bildirilýär. Soñky döwürde Günorta Koreýada «dipfeýk» adalgasyny ulanyp gözleg geçirilende partlama bolup geçdi. Munuñ añyrsynda megerem 23 ýqşly pop ýyldyzy Seolhýunyñ şeýle görnüşde taýýarlanan wideolary ýatýar.

Muña tomaşa edenleriñ biri wideony taýýarlan adamy şeýle sözler bilen öwýärdi: «Bu «dipfeýkiñ» bikanun bolmalydygynyñ duýgusyny döredýär. Ajaýyp iş bolan eken!»

- **Meşhurlar nyşana alynýar**

«Dipfeýk» wideolaryny taýýarlaýanlar esasanam meşhurlary nyşana alýar.

Munuñ añyrsynda şok täsiri bar ýaly bolup görünýär: Bular ýaly wideolarda hakykatdanam meşhur aktrisalaryñ ýer almagy galmagal döredip bilerdi.

- **Nikolas Keýjiñ we Donald Trampyñ ýüzleriniñ ulanylan wideosy**

«Dipfeýk» wideolary taýýarlaýan toparlaryñ arasynda Emma Watson we Natali Portman iñ meşhur iki şahsdyr.

Emma bulardan başga-da Mişel Obama, Iwanka Tramp, Keýt Middlton ýaly aýallaryň ýüzi-de ulanylýar.

«Wonder Woman»-y janlandyrýan Gal Gadotyň ýüzüniň ulanylan wideosy bolsa nu tehnologiýanyň mümkinçiliklerini görkezen ilkinji wideolaryň biri bolupdy.

Tehnologiýa saýty «Motherboard» tarapyndan çap edilen makalada bu tehnologiýanyň bir ýylyň dowamynda ýaýrap ýetişjek derejede kämilleşjekdigi aýdylypdy. Emma şll derejä ýetmegi bary-ýogy bir aýa çekdi.

Beýle wideolar çakdanaşa gahar-gazap döredip başlansoň, bu wideolaryň paýlaşylýan saýtlary seresaplylygy elden bermezlik üçin synag ädimlerini ätmäge başlady.




*«Fakeapp» atly «Windows» programmasy ýeterlik fotosuraty alynan adamlaryň ýüzüniň wideolara ýerleşdirilmegini ańsatlaşdyrýar*

«Gyfcat» resmi saýty «dipfeýk» diýip atlandyran suratlaryny öçürip aýyrdy. Emma bu ýakyn geljekde beter kynlaşjaga meňzeýär.

«Dipfeýk» toparlarynyň ulanýan «Reddit» saýty bilsa heniz hiç zat etmedi. Emma «BBC»-niň ednen maglumatlaryna görä, saýtyň adminstrasiýasy üýtgeşmeleri ýakyndan yzarlaýar.

Belli bir surat üçin Googl-da geçirilen gözleglerde-de şeýle netijelere gabat gelip bolýar.

Edil häzir Donald Trampyň suratyny ulanyp taýýarlanan galp

wideolar internetde ýaýrady. Bularyň galpdygy görnüp duranam bolsa, propoganda maksatly taýýarlanan ýagdaýynda döretjek täsirini çak etmek kyn däl.



*Wideolaryň birinde «Ostin Powers» kinofilmindäki Dr. Ewiliň ýüzi Donald Trampyň ýüzi bilen çalşylypdyr*

«Google» öň käbir materiallaryň has kyn tapylmagy üçin gözleg düwmesiniň netijelerine üýtgeşmeler girizipdi. Emma edil şunun ýaly «dipfeýk» üçin etjekdigi heniz belli däl.

Köpimiz ýaly kompaniýalaram beýle zadyň bardygyny ýaňy-ýaňy bilip ýör.

Soňky ýyllarda bu saýtlar hasam beter adamlary masgaralamak üçin başgalar tarapyndan we öz razylygy bolmazdan paýlaşylan «ar alyş pornosy» roliklerine garşy göreşmek bilen meşhurdy.

«Dipfeýk» wideolar bolsa adamlary masgaralamak üçin edip boljak işi täze sepgitlere çykarýar.

Beýle wideo hakyky bolmasa-da, ýetirjek psihologiki zeperleri hakyky bolýar.

- **Syýasy bidüzgünçilik**

Tehnologiýa habarçylygynda innowasiýanyň iň uly täsirlerinden biriniň porno sektorydygy aýdylýar: Wideo ýygjamlaşdyrma

tislimlerinden wideokassetalara çenli birnäçe ugra täsirini ýetirip geldi.
Porno bilen ýaýramaga başlan bu faktoram durmuşyň beýleki ugurlaryna-da täsirini ýetirip biler.

- **Ýene bir wideoda hem Hilalri Klintonyň kellesine Donald Trampyň ýüzi ýelmenipdir**

«The Outline» üçin ýazan makalasynda žurnalist Jon Kristian iň erbet ähtimallygyň üstünde durup geçýär we bu tehnologiýanyň «hökümetleri ýa-da halklary aldap, halkara çaknyşyklary döretmek üçin ulanylyp bilinjekdigini» aýdýar.
Žurnalist bolmajak zadyň gürrüňini edenok. Galp habarlar ha ol ýaňsylamak üçin bolsun, ha-da adamlary aldamak üçin edilsin) eýýämhäzirden global oňşuksyzlyga sebäp bolýar, pikirleri üýtgedýär, şol sanda saýlawlara-da täsirini ýetirip bilýär.
«Adobe» ýaly kompaniýalaryň ses tehnologiýalaryndaky ösüşleri bilen birlikde, hem suratyň, hem sesiň emeli aň bilen döredilen we iň ünsli tomaşaçyny-da aldap biljek ýazgylaryň ýaýramagy daşda däl. Emma bu häzirlikçe diňe porno bilen çäklenýär. Şeýle programma bilen wideo taýýarlaýanlar bolsa temanyň golaýyndanam geçenok.
«Reddit» saytynyň agzalarynyň biri bu çekişme barada «Bärde edýän işimiziň buýsanara zady ýok. Gaýtam tersine, masgaralaýjy, gödek we fotosuratlary ulanylan aýallaryň taýýarlyksyz üstüni basdyrmagyna getirýär» diýse-de, «dipfeýk» wideolaryň ar alyş pornolarynyň täsirini kemeldip biljekdigi ýaly gülkünç toslamany özüne tutaryk edinýär: «Eger hemme zat hakyky bolsa, hiç zat hakyky däldir. Şeýdip ar alyş pornosy ýaýradylan adamlar aňsatlyk bilen şeýle wideonyň ýalandygyny aýdyp biler».
Bular ýaly bahana tapmagyň ussatlary wideolarda keşpleri görnenleriň psihologiýalaryny däl-de, şeýle wideolary taýýarlaýanlaryň psihologiýalaryny goramaga dyrjaşýar. Ýöne «dipfeýkçi» toparyň dogry aýdýan bir zady bar: Bu tehnologiýa indi aramyzda we bu gelinen sepgitde yza dolanma ýok.

Dewi LI,

tehnologiýa korrespondenti.

«BBC», 07.02.2018 ý. Publisisistika